# Diñe ýekeje mysal

Category: Kitapcy,Oba hojalygy: maldarçylyk we ekerançylyk,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Diñe ýekeje mysal DIÑE ÝEKEJE MYSAL




Şu günler syýasatyñ dilinden «ah, ekerançylyk, wah, ekerançylyk» sözleri düşenok!
Ýerli ekerançylygyñ ýagdaýyny gyzykly mysallar bilen 2017-nji ýylda «Bukudaky elita» (“Saklı Seçilmişler”) kitabymda ýazypdym. Elmydama bolşy ýaly şo gezegem hüjüme uçrapdym. Kimdir birileri üstümden arz etmek üçin suda ylgady. Masgara bolup ýeñildiler. Olaryñ aladasy başgady – gurrumsaklar meniñ ýazan bu kitabymy ygtybarsyzlaşdyrmak isläpdiler.
Ýakyn günlerde ýeñiljek ýetirilen zyýan baradaky habar şu ýazgyny ýazmagyma iterdi:
Abdylhamyt II Bursada başyny başlady, ugruna bolmady. Atatürk

Rize sebitleriniñ ekin-dikine amatlydygyny gördi, göz öñüne tutan işini amala aşyrmagy-da başardy.

Çaýyñ gürrüñini edýärin…

Atatürk kofe içýän ýurdy çaý medeniýeti bilen tanyşdyrdy. Türkiýe adam başyna düşýän sarp edijilikde (ýylda üç kg bilen) häzir 60 million dollara ýeteñkirlerdi.

Türkiýe jemi iş üpjünçiligi boýunça bäşinji orunda. 250 müñ tonna çaý öndürýäris. Birinji ýeri eýeleýän Hytaý 2 million 230 müñ tonna öndürýär! Hytaýyñ çaý ykdysadyýetiniñ dolanşygy 30 milliard dollardan geçýän bolsa, Türkiýäñki 2 milliard dollardan biraz geçýär. Munuñ içinde ýurdumyzyñ döwlet eýeçiliginiñ paýy azalýar, daşary ýurtly telekeçileriñ paýy welin barha artýar.

Çaý satyn alnyşygy (importy) ösýär. 100 million dollara golaý çaý importyna derek zordan 10 milliondan geçýän çaý satyp (eksport) bilýäris. Ýyl geçdigisaýy bu görkeziji biziñ garşymyza işleýär. Gollandiýadanam çaý satyn alýarys!

Nämüçin beýle? Diñe çaýmy näme, AKP häkimiýeti ýerli oba hojalygyny-ekerançylyk ykdysadyýetini nämüçin hemişe kemeldip geldi?

Dizel ýangyjy, dökün, işçileriñ aýlygy we beýlekiler artyp barýar, goldaw azalýar, müşderi azalýar. Çaý önümçiligi nämüçin azalmaýarka? Zyýan çeken telekeçi pudakdan çekiläýjek ýaly?




* * *

Çaý önümçiliginiñ 64%-i Rizeden önýär.

Erdogan rizeli bolmasa dagy çaý ykdysadyýetiniñ ýagdaýy niçik bolardyka? Seretseñizläñ, häkimiýet «goragyna» garamazdan döwlet edarasy «Çaykur» dowamly çekilen zyýany mälim edýär.
Erdogan Ministrler Kabinetiniñ 2017-nji ýyldaky 9756 belgili karary bilen 46 zawody bolan «Çaykur»-y Barlyk fondunyñ (Фонд благосостояния) düzümine geçirdi. Netije: edara 2017-nji ýylda 267 million, 2018-nji ýylda 657 million, 2019-njy ýylda 635 million, 2020-nji ýylda 547 million, 2021-nji ýylda bolsa 503 million, 2022-nji ýylda 2 milliard 838 million, 2023-nji ýylda 5 milliard 883 million lira zyýan çekdi. Banklara bolan bergileri-de şonça…
Akylly-başly ekerançylyk önümçiligi, satuw işleri, bazar we ş.m. meselelerde öñe saýlanmaly «Çaykur» konserwatiw döwlet dolandyryş garaýşyndan saplanyp bilenok, zol ykdysady ýitgä uçradylýar?..
Erdoganyñ «Çaykur»-y diñe saýlawlarda ulanýan «ses torbasy» ýaly görýändigi belli! (Şuña meñzeşini bary-ýogy 2500 janköýeri bolan Superliganyñ topary «Rizespor» üçinem edýär, baý, pul ýagdyrýar-a üstlerinden!) Olar muña mynasypmy, dälmi, kimiñ piñine?..
Mysal üçin, men olaryñ ösen çaý tehnologiýalaryndan habarlary bardyram öýdemok.

* * *

Atatürk nämüçin çaý önümçiligine üns beripdir? Çaý, kofe, şeker importy döwlete agyr ýük döredipdir. Meselem, 1931-nji ýylda bu görkeziji 8 million lira deñdi…

Atatürk ýerli önümçiligi ýola goýmak bilenem çäklenmedi. Medeni endikleri-de üýtgetdi. Ýagny, meseläniñ ykdysady-syýasy tarapyndan başga medeni tarapy-da bardy.

A häzir näme?

Konserwatiw häkimiýet döwründe Türkiýede kofe sarp edişligi osmanly endiklerine meñzedi, hamana kofe içme endigi hil bir zat ýaly bolgusyz nysaga öwrüldi. Şeýlelikde:

Kofe importy çakdanaşa ulalýar. Yzly-yzyna global «kofehanalar» açylýar. Mysal üçin: Türkiýede diñe «Starbucks»-yñ sany 676 we bu san (dünýäde iñ köp kofe sarp edilýän) Finlandiýada dört! Birnäçe ýurt öz ýerli kofe dükanlaryny we medeniýetlerini goramak üçin «Starbucks» şahamçalaryna daşrak duranyny kem görmeýär.
Çaý medeniýetimiz ýok edilýär. Diñe çaýmy?
Oba hojalygymyzy-ekerançylygymyzy ýok etmek üçin Turgut Özaldan bäri gelip-geçen häkimiýetler nämeleri etmedi…
Hiç kim hiç zat edenok, bähbitli iş etmek üçin ýeke ädimini ädýän ýok. Diñe «ah-wah» lakgy-lukgysy bilen günümizi geçirip, syýasat ýöredýändiris öýdýäris.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 03.09.2024 ý. Oba hojalygy: maldarçylyk we ekerançylyk